# SÖZLEÝIŞDE AHALTEKE BEDEWI BILEN BAGLANŞYKLY ZOOMORFIZMLER

Ahalteke bedewi türkmen halkynyň häsiýetiniň we zehininiň utgaşmagy bilen dörän gözellikdir. Ahalteke bedewleriniň egsilmez abraýy baradaky rowaýatlar asyrlar aşyp, şu güne geldi we häzir parasatly we gadymy türkmen halky onuň gahrymanlary baradaky gürrüňleri dünýä ýetirýär. Çünki, şu gymmatlyklarda milli ruh, kämillige tarap ymtylyş, gözellik, agzybirlik hem dostluk, wepalylyk gaýduwsyzlyk, ynsaplylyk, mertebe, Watana söýgi ýaly düşünjeler baradaky garaýyş öz beýanyny tapýar.

Türkmen halky ähli döwürlerde ata-babalarymyzyň beýik maksatlara ýetmeginde wepaly kömekçileri bolup, biziň milli buýsanjymyza, tutuş adamzadyň gazanan genji hazynasyna öwrülen ahalteke bedewleriniň waspyny ýetirýän ençeme ganatly jümlelerini biziň günlerimize çenli getiripdir.

Zoonimler dünýäniň ähli dillerinde sözleýişde giňden ulanylýar. Haýwanlary aňladýan dil birlikleri dil biliminde zoonim, zoosemizm, zoomorfizm ýaly adalgalar bilen ulanylýar. Alym N.W. Solnesewa (2004) metaforanyň sözleýişde obrazlylyk hyzmatyny ýerine ýetirýändigini göz öňünde tutup, zoomorfizm adalgasynyň ulanylmagyny öňe sürýär. Beýleki zatlara garanyňda haýwanat dünýäsiniň adamlara özleriniň häsiýeti, edim-gylymy, endikleri babatda has ýakynlygy bar. Zoomorfizmleriň (öý we ýabany haýwanlaryň) hem sözleýişde ynsanyň gowy hem-de ýaramaz häsiýetlerini bahalandyrmakda ähmiýeti has çuňdur. Sözleýişde sözüň leksik mazmunynyň üstüni dürli hili ekpressiw-emosional öwüşginler bilen dolduryplyp, beýan edilýän pikiriň täsirliligini güýçlendirýän dil serişdeleri ulanylýar. Bedew aty arassalygy, ýyndamlygy, syrdamlylygy, wepadarlygy, ruhubelentligi alamatlandyrýar we sözleýişde “at ýaly syrdam, çalasyn, ýüwrük, wepaly”, “at ýüzli”, “Ýürekleri at başy dek batyrlar, Hatynça ýok at-ýaragy bolmasa (Magtymguly)” diýip, deňeşdirme häsiýetde-de we “Ýüwürjim – ýüwrik atym, ýüwrüp geler ýanyma” ýaly deňeşdirme ýüzlenme ýagdaýynda-da ulanylýar.

Türkmenleriň arasynda atyň we adamyň haýran galaýmaly arabaglanyşygynyň öz ähmiýetini häzirki wagtda, ylmy-tehniki öňe gidişlik döwründe ýitirilmändigi bellärliklidir. Durmuşymyzda bolup geçýän oňyn özgerişlikleriň batly depginini suratlandyrmak üçin, biz köplenç halatda adata öwrülip giden “bedew bady bilen” sözleri gaýtalaýarys. Bu sözler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkyň ruhuny hem-de döwletimiziň, jemgyýetimiziň, ykdysadyýetimiziň ösüşiniň ýokary depginlerini has aýdyň söhlelendirýär.

Ýokardaky mysallardan görnüşi ýaly, zoomorfizmleriň dilimizde ulanylyşy düli-dürlidir. Biziň aýdýan her bir jümlamiz, söze goşýan her bir goşulmamyz, sözleri aýdyş äheňimiz köp zady aňladyp bilýär. Şoňa görä-de sözleriň ulanylyş aýratynlygyny hökman bilmelidiris.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.01.2026

**Selbi ORAZDURDYÝEWA**
**Aşgabat şäherindäki**
**78-nji ýöriteleşdirilen**
**orta mekdebiň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 27.01.2026